# DIDÄMDÄKI DÖRT DAMJA

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
DIDÄMDÄKI DÖRT DAMJA DIDÄMDÄKI DÖRT DAMJA

Men bir zada jogap tapyp bilemok,
Gözlerime iýnýän gözýaş sen näme,
Beter begensem-de dömüp dursyň sen,
Asyl, bent tutdurman doldurýaň hana.

Gyýylsam-da tapylýarsyň bir ýerden,
Aýt, ýa-da sen ýürekleň dilimi,
Ýa-da sen Allanyň adam kalbyna,
Paýhasyna eken iman gülümi.

Ýa sen ýüregimiň yssy-sowgumy,
Ýa serimiň aýdyp bolmaz aýdymy,
Menden ygtyýarsyz domýän ak damja,
Bile-bilmen sen wyždanmyň süýdümi.

Sen meň bilen bile inipsiň dünýä,
Ýa sen on üçünji artyk synammy,
Allaň nazarymy, meniň özümmi,
Dömüp-dömüp kemelýänje ömrümmi. Goşgular